# Senden öwrensin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Senden öwrensin SENDEN ÖWRENSIN



Säher daň ýyldyzy ýaldyran çagy,
Nur saçmagy ýalkymyndan öwrensin.
Şöhle saljak bolsa daňyň şapagy,
Seniň gar dek alkymyňdan öwrensin.
Bu gözel baglaryň benewşe güli,
Goý, çyn gül bolmagy senden öwrensin.
Gül diýip joş uran bahar bilbili,
Gülün wasp etmegi menden öwrensin.

(1964)

*   *   *

Jeýhun kenarynda, belent bir ýerde,
Äpet tolkunlaryň oýnuna bakýan.
Çygly ýapraklaryň ortarasynda
Arzuwlar içinde Jeýhun dek akýan.

Bulutlar aýlanyp, merjenler dökýär,
Ýuwunýar, daranýar gül gunçalary.
Tolkunlar bat alyp, tolkunlar bökýär,
Kenara zyňylýar suw damjalary.

Egilip, ýazylyp gökje gamyşlar,
Gülälekler ýaz ýeline näz edýär.
Böküşip, çakyşyp, aýlanyp her ýan,
Gomlar aýdym aýdýar, gomlar saz edýär.

Bu gomlara garaşyp dur Garagum,
Bu gomlara teşne çöller garaşýar
Goý, olar şatlansyn, goý aýdym aýtsyn,
Bu gomlara diňe şatlyk ýaraşýar.

Jeýhun kenarynda, belent bir ýerde,
Äpet tolkunlaryň oýnuna bakýan.
Çygly ýapraklaryň ortarasynda
Arzuwlar içinde Jeýhun dek akýan…

(1965)

Halyl KULYÝEW. Goşgular